# Arma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Arma ARMA

*Tutly obasaglyk öýüniň müdiri, maşgala feldşeri, kärdeşim we dostum Söýünow Myrada menden ýadygärlik tarypnama*

«Ýyllyk» hasabaty tabşyrdyň eýýäm,
Arma Myrat, armaweri-armawer!
Işine jür bolup, kärini söýýän,
Arma Myrat, armaweri-armawer!

Indi sen, rahatlan işiňe baryp,
Dokument dörmekden bizarsyň – irip,
Zerur dälin aýyr, goýmagyn garyp,
Arma Myrat, armaweri-armawer!

Seniň ýüküň ölçär, syrkawyň sany,
Şol sany azaltmak işiňde many,
Hormatly-sylagly, il alkyşlany,
Arma Myrat, armaweri-armawer!

Parhy ýokdur, iş günmi ýa dynç güni,
«Çakylyga» barýaň gijäň ümsümi,
Dertlä derman berýäň, jemläp ünsüňi,
Arma Myrat, armaweri-armawer!

Zähmet rugsadyňda diýmän: «Dynç alýan»,
Tutly uly oba, ýetişip bilýäň,
Ýaşyň uzyn bolsun, ýüzüň hem, gülýän,
Arma Myrat, armaweri-armawer!

Gözleriňe guwanç dolsun, bagt bolsun,
Maksat myrat tapsyn, söwdaň nagt bolsun,
Märeke-meýlisde ornuň tagt bolsun,
Arma Myrat, armaweri-armawer!

Illi diýr, dostum sen, işgärim, kärdeş,
Kesbiňden kemal tap, ýadama, gardaş,
Sen sala salanym, ynamdar syrdaş,
Arma Myrat, armaweri-armawer! Goşgular